# Dellekhanada / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Dellekhanada / hekaýa DELLEKHANADA

Içeriň howasyny täzeläp durmak üçin penjiräň bir gözi açylyp goýlanam bolsa, ähli beýleki dellekhanalardaky ýaly, bu ýerde-de arzan atyryň hem köpürjekledilýän sabynyň ýiti ysy bardy. Işleriniň başdan agdyklygy üçin ýetişiksizdiklerini mazamlamak isleýän ähli beýleki dellekler ýaly, bu delleklerem özlerini bijaý başagaý edip görkezmäge çalyşýardylar, ýelk ýasap, pyrlanýardylar, dynuwsyz şarkyldadýan gaýçylaryna goşup, tükeniksiz gürleýärdiler.
Penjireden düşýän ýagtynyň ýalkymy ýüz görülýän aýnalaryň hemem ýalmanuz ýaly päkileriň ýüzüne düşüp, diwarda oýnaklaýardy. Dellekleriň törki orundakysyndan özgesi saç almak, sakal syrmak bilen bagly werziş bolan işlerine gümradylar. Iň tördäki çüňki eýelän dellek bolsa, bikärlikden ýaňa, içi gysmaz ýaly, nämedir bir zada meşgul bolmagyň gerekligi üçin, ýüz görülýän aýnaly çekmäň üstündäki zatlary tertipleşdirýärdi, mahal-mahal gaňrylyp, gapa seredýärdi. Otagyň içi yssydy, dymyljykdy.
Gapy jygyldap açyldy, sypaýy geýnen, orta boýly, dolmuş kişi bosagadan içeri ätledi. Ol içerdäkilere birlaý göz aýlap, bu taýa ýalňyşyp gelen, indem yza dolanmagyň alajyny tapmaýan ýaly bolup, aýak çekdi. Onýança, bikär oturan dellek böküp ornundan turdy-da, ýylgyrjaklaýan nazary hemem çalarak galdyran eli bilen yşarat edip, ony ýanyna çagyrdy.
– Ýaşuly, birhili ýaýdanjak ýaly etdiňiz weli, men-a, özümi bijaý oňaýsyz duýandyryn-diýip, dellek kürsüde jaýlaşykly ornaşan müşderiniň daşyndan pyrlanyp ýörşüne, ýigitlik hyjuwy bilen darsdaban edip, şadyýan seslendi.-Meň ýanyma gelip, entek-entekler närza bolup giden adam ýokdur, agam. Atamyzdan miras galan kär bi, bilseňiz. Ine, saçyňyzy gül ýaljak edip bejerip biýrin welinim, ýene meň ýanyma howlugar durarsyňyz…
Ýigidiň bu sözlerine deşlek kişi «yhm-yhm» edip äwmezlik bilen

çalaja baş atdy-da, ýaňy çalaryp ugran saçynyň etegini eliniň aýasy bilen sypap goýberdi.
Ýigit globusdan haýsydyr bir şäheriň belgisini tapmaga synanyşýan mekdep okuwçysyna meňzäp, onuň gür gara saçly kellesini birsalym synlap, gezmeledi. Ol işe başlamalydygyny bilýän, ýöne nämeden başlamalydygyny weliň heniz bilmeýän görnüşde, howa boşlugynda göze ilmeýän bir zatlary kesişdirýän ýaly, gaýçysyny çalasyn şarkyldatdy.
– Ýaşuly, sorady diýip, aýyplaşmaň weli, saçyňyzy känräk, häki, ýeňledeýinmi ýa bolmasa…
Müşderi şol öňki perwaýsyz äwmezligi bilen ýene-de «yhm-yhm» edip, baş atdy.
Dellekler hemişe kimiň saçyny nähili bejerilmelidigini, haýsy tarapa daralanynda, onuň ýüzüne gelişjekdigini bilýän kişilerdigini tekrarlamaga çalyşparlar. Olaryň ählisi-de, öz işini sakgalsapyny timarlamakdan başlaýarlar, soraşyp durmazdan, gulakdan, burundan tutup, kelläni öz oňaýlaryna görä çepe-saga öwürýärler, aşak-ýokary galdyrýarlar. Ýigidiň sag elindäki gaýçysy hem çep elindäki uly dişli daragy yzarlap, kelläň depesinde şarkyldaýardy.
– Hally, seni başlyk çagyrýa-diýip, olaryň ýanyna gelen gara penjekli ýaş ýigit habar berdi.-«Şertnama gol goýsun-diýýä, näme düýnden bäri bir gol goýup gitmäge ýaraňokmy» diýýä…
– Men-nä, işimi taşlap ylgar öýdýäňmi?-diýip, dellek oňa tarap öwrülip, azmly gygyrdy.-Görýäň-ä, saç alýanymy?
Emmä gara penjekli ýigidem gidelri däldi, ol burnunyň etegindäki halyny barmagynyň ujy bilen sypap goýberdi-de:
– Dogruda, seň yzyňda ylgap ýörmelimi, eýsem?-diýdi.
Ýigit bar gaharyny müşderiniň kellesinden çykarmakçy bolýan ýaly, gaýçysyny has batly şarkyldadyp, öňe egildi. Ýaş ýigit birsalym durdy-da, özüne indi üns berilmeýändigini aňyp, gelşi ýaly, bilniksiz çykyp gitdi.
– Ine, gördüňizmi, ýaşuly-diýip, ýigit ol gidensoň, töweregine ýaltaklap, mylaýym görnüşe girip, dillendi.-«Başlyk çagyrýa» diýen bolup (ol habar getiren ýaş ýigide öýkündi), çagyran-da näme, garaşar. Dogry dälmi?
Dolmuş pyýada ýüz görülýän aýnadan özüne garaýan dellegiň

ýüzüne seredip, ýuwaşja baş atdy.
– Başlygymyz täze geldi, ýakynda-diýip, ýigit özüne arka tutunan ýaly bolup aýtdy.-Herimiziň duran ýerimiziň ölçegini aldy, gelip gördi, çagyrdy, garaz, öňki başlygymyzyň çeni-çaky bolmady. «Duran ýeriňizi arassa saklaň, üst-başyňyza garaň» diýýä. Näme, öň arassa dälmidik?
Ol kürsüň çep gapdalyna geçip, müşderiň kellesini özüne tarap öwürdi.
– Kärende bolansoň, näme, öňki başlyga «gyrp-çyrp» eden bolýadyk, ýaşyryp nädeýin. Bi oglan geldi-de, başga hörpden gopaýdy. «Döwlete tölemeliňizi töläň, meň ýanyma eýle-beýle diýen bolup gelmäň» diýdi. Öň birazajyk arzan düşäýýädi. Indi bolsa… Aýdyşlaryna görä, bi oglanyň atasam şeýleräkmiş, dogruçyl boljak bolýamyş. Hawa-da, alma agajyndan daş düşýämi-diýsene. Bar şertnamalarymyzy täzeledip ýör, döwür başgamyş, talap başgamyş.
Dolmuş pyýada kellesini onuň elinden sypdyryp, ýüz görülýän aýna siňňitli garady, saçy ýeňlän kellesini synlady.
– Eşidişime görä, muň dädesi bir ýerlerde başlyk diýýäler-diýip, ýigit sesini biriniň eşidäýmeginden gorkýan ýaly, töweregine garanjaklap, pyşyrdap diýen ýaly aýtdy.-Elinde işleýänler edil esgerler ýalymyş. Ýaman berk tutýa-diýýäler. Bu-da bizi şeýtjege meňzeýä… Ondan, birküç manat puluňy bil, azaryň ýetmese bessir…
Dellek gapydan girip gelýän uzyn boýly, ak ýzli ýigidi görüp sesini kesdi, gaýçysy bilen daragyny aşak sallap, dim-dik göneldi. Beýleki dellеklerem işini goýup, oňa tarap öwrüldiler. Gelip giren ýigit «işläberiň» diýen terzde olara elini galdyrdy-da, törki orna ýöneldi.
– Başlyk, häzir bararyn diýdim-ä, men-diýip, dellek öz sözüni delillendirmek isleýän ýaly kürsüde oturan dolmuş pyýadany görkezip, çalt-çalt gepledi.-Biriniň saçyny ýarym-ýarpy taşlap gitmäýin-diýdim. Ine, gutardym, ylgap barýan…
Uzyn boýly ýigit onuň boluberşinden göwni suw içmän, nägilelik bilen gara gaşlaryny çytdy, ýöne gaty-gaýrym zat diýmedi. Ol dellege ýuwaşjadan bir zatlar diýdi-de, yzyna öwrüldi. Şol bada onuň gözleri kürsüde oturan adama kaklyşdy.

– Däde, senem bärdemidiň?-diýip, ol dolmuş kişiň ýanyna bardy. Orta boýly pyýada ornundan galdy-da, dellegede garaşman, kellesini, boýnuny kakyşdyrdy. Ol jübüsinden pul çykardy-da, ony dellegiň ysgyny gaçan eline tutdyrdy. Soňra uzyn boýly ýigide ýylgyrjaklap bakdy.
– Hawa. Äý, seň işiňden bir habar tutaýyn-diýip, gaýtdym-diýip, ol gapa tarap ýöneldi.
Dellek elinden gaçan pula naýynjar bakyp, özüni kürsä goýberdi…

Amanmyrat SAPAROW. Hekaýalar